2030-njy

ÝYLA ÇENLI

# DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNA

ÝETMEKLIGE BIZIŇ GOŞANDYMYZ



# 17 MAKSAT



2015-nji ÝYLYŇ SENTÝABRYNDA TÜRKMENISTAN BMG-niň BEÝLEKI AGZALARY BILEN BILELIKDE 2030-njy ÝYLA ÇENLI DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNY KABUL ETDI. OLARYŇ BAŞ ŞYGARY:





# 1-nji MAKSAT. GARYPLYGY ARADAN AÝYRMAK

1 GARYPLYGY ARADAN AÝYRMAK






TÄZE IŞ ÝERLERINI DÖRETMELI;



SAGLYGY GORAÝYŞ + IŞ ÜPJÜNÇILIGI;

DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINI GURAMALY;











TEHNOLOGIÝALAR;
ZÄHMET WE ÝER; TELEKEÇILIK ÜÇIN MÜMKINÇILIKLER; GÜNDELIK HYZMATLARA DEŇ ELÝETERLILIK.



# 2-nji MAKSAT.
# AÇLYGY ÝOK ETMEK

KÄBIR ADAMLAR IÝMIT ÖNÜMLERINI TYGŞYTLY SARP ETMEÝÄRLER, OLAR ÇENDENAŞA KÖP IÝMIT SATYN ALÝARLAR WE ARTYKMAJYNY ZYŇÝARLAR; BEÝLEKILERDE BOLSA IÝMIT ÖRÄN AZ ÝA-DA BIR GÖRNÜŞLI.




TEBIGY BETBAGTÇYLYKLARYŇ ÖŇÜNIŇ ALYNMAGYNY WE DOLANDYRYLMAGYNY ÜPJÜN ETMELI;





OBA HOJALYGYNY ÖSDÜRMELI, DAÝHANLARY WE OBA HOJALYK TELEKEÇILIGINI GOLDAMALY;





OBA HOJALYK EKINLERINIŇ WE MALLARYNYŇ BIOLOGIK DÜRLÜLIGINI GORAP SAKLAMALY.



# 3-nji MAKSAT. SAGDYN DURMUŞ WE ABADANÇYLYK

SAGDYN DURMUŞ WE ABADANÇYLYK

JAN SAGLYGY HEMMÄMIZ ÜÇIN WAJYPDYR. BIZ EÝÝÄM ULY SEPGITLERE ÝETDIK, EMMA ÖŇÜMIZDE EDILMELI IŞLER HENIZ HEM KÖP!





BIZ AŞAKDAKY MAKSATLARA ÝETMEK ÜÇIN ÄHLI TAGALLALARY ETMELIDIRIS:



SANJYM WE DOGRY IÝMITLENMEK - BIZIŇ ÇAGALARYMYZYŇ SAGLYGYNYŇ GIREWIDIR. KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK WE GÖZEGÇILIK ÝOKANÇ KESELLERDEN GORAGY ÜPJÜN EDÝÄR.

ÖZ BEDEN GURLUŞYŇY WE HUKUKLARYŇY BILMEK - REPRODUKTIW SAGLYGY GORAMAK BOÝUNÇA HYZMATLARYŇ ELÝETERLILIGINI WE OLAR BARADA HABARDARLYGY ÜPJÜN ETMEK.





SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGESINI ÖŇE SÜRMELI, ESASAN-DA, ÝAŞLARYŇ ARASYNDA.





# 4-nji MAKSAT.
# ÝOKARY HILLI BILIM

BILIM ALMAK HEMMELER ÜÇIN, HATDA KIÇI ÝAŞLY ÇAGALAR ÜÇIN HEM ELÝETERLI BOLMALYDYR.



GYZLARYŇ HEM EDIL OGLANLARYŇKY ÝALY ORTA, ORTA HÜNÄR WE ÝOKARY BILIM ALMAGA DEŇ MÜMKINÇILIKLERI BOLMALY.



OKUW KITAPLARYNYŇ HILINI ÝOKARLANDYRMALY WE MEKDEPLERDE OKUW ŞERTLERINI KÄMILLEŞDIRMELI.

YLMY WE INNOWASIÝALARY ÖSDÜRMELI.





IŞGÄRLERI ZÄHMET BAZARYNYŇ TALAPLARYNA LAÝYKLYKDA TAÝÝARLAMALY.



MUGALLYMLARY HÖWESLENDIRMELI (MYNASYP AÝLYK HAKY, ÝEŇILLIKLER).



# 5-nji MAKSAT.
# GENDER DEŇLIGI

ZENANLARYŇ ÝURDUŇ SYÝASY, YKDYSADY WE JEMGYÝETÇILIK DURMUŞYNA DEŇ DEREJEDE GATNAŞMAGY ASUDA JEMGYÝETIŇ GIREWIDIR. BIZ OLAR ÜÇIN ŞU AŞAKDAKYLARY ÜPJÜN EDIP BILERIS.



KANUN ERKEKLERE WE AÝALLARA DEŇ HUKUKLARY WE MÜMKINÇILIKLERI ÜPJÜN ETMELI.



ZENANLAR BABATYNDA ZORLUKLARYŇ ÄHLI GÖRNÜŞLERINI, ŞOL SANDA ÖÝ ZORLUKLARYNY, IRKI NIKALARY, JYNSY EZILIŞI WE ADAM SÖWDASYNY DÜÝBÜNDEN ÝOK ETMEK ÜÇIN DÜÝPLI ÇÄRELERI GÖRMEK ZERUR.

ZENANLARYŇ ÖÝ IŞLERINE SARPA GOÝMAK WE GADYRYNY BILMEK GEREK.





GENDERLER BABATDA EMELE GELEN NÄDOGRY GARAÝYŞLARY ÝEŇIP GEÇMEK ÜÇIN BIZIŇ HEMMÄMIZ BILELIKDE TAGALLALAR ETMELIDIRIS.





ZENANLARYŇ BILIMIŇ ÄHLI BASGANÇAKLARYNDAN PEÝDALANMAGA MÜMKINÇILIKLERI BOLMALY.

6 ARASSA SUW WE ARASSAÇYLYK



# 6-njy MAKSAT.
# ARASSA SUW WE ARASSAÇYLYK

ADAMLARYŇ ARASSA AGYZ SUWUNDAN PEÝDALANMAK MÜMKINÇILIKLERINI KÄMILLEŞDIRMELI.





# 7-nji MAKSAT.
# ELÝETERLI WE ARASSA ENERGIÝA

ELEKTRIK TOGY HEMMELER ÜÇIN ELÝETERLI BOLMALY.





ÝURDUMYZYŇ ENERGIÝA SERIŞDELERINI TYGŞYTLY SARP ETMEK WE ONY NETIJELI DOLANDYRMAK HEMMÄMIZ ÜÇIN BÄHBITLIDIR.

ŞONDA GYŞ PASLYNDA ADAMLAR ELEKTRIK ENERGIÝASYNYŇ ÝETMEZÇILIK ETMEGINDEN KYNÇYLYK ÇEKMEZLER.





BIZ HÄZIRKI ZAMAN INFRASTRUKTURASYNY ÖSDÜRMELI, TÄZE TEHNOLOGIÝALARY ORNAŞDYRMALY.

ESASAN-DA, ALTERNATIW ENERGIÝA ULGAMYNDA (GÜN, SUW, ÝEL, BIOMASSA) BU ŞEÝLE BOLMALY.



IŞDE WE ÖÝDE ELEKTRIK ENERGIÝASYNY TYGŞYTLY ULANMAGA ÇALYŞMALY, ELEKTRIK ENERGIÝASYNY BIDEREK HARÇLAMALY DÄL.

ÝURDUMYZYŇ ENERGIÝA SERIŞDELERINI NETIJELI ULANMAK ÜÇIN GOŇŞY DÖWLETLER BILEN HYZMATDAŞLYGY HAS HEM PUGTALANDYRMAK GEREK.





# 8-nji MAKSAT. MYNASYP IŞLERI ÜPJÜN ETMEK WE YKDYSADY ÖSÜŞ

8 MYNASYP IŞLERI ÜPJÜN ETMEK WE YKDYSADY ÖSÜŞ

TALABALAÝYK IŞ ÝERLERINI WE DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEK – BIZIŇ ÝURDUMYZYŇ ESASY ILERI TUTÝAN UGURLARYDYR.







SENAGAT TAÝDAN TEBIGY BAÝLYKLARY TYGŞYTLY ULANÝAR.

HER BIR IŞ ÝERI HOWPSUZLYGY, MYNASYP AÝLYK HAKYNY, DEGIŞLI DEREJEDE DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINI KEPILLENDIRÝÄR.





ÝOKARY HILLI BILIM BERMEK IŞSIZLIGIŇ DEREJESINI PESELTMÄGE KÖMEK EDÝÄR.

HER BIR KEMALA GELEN ADAM ÖZÜNE IŞ TAPYP BILÝÄR.






ÇAGA ZÄHMETINE WE MEJBURY ZÄHMETE ÝOL BERMEZLIK.









YKDYSADYÝETIŇ ÖSMEGI HEMMELER ÜÇIN PEÝDALY.



# 9-njy MAKSAT.

## SENAGATLAŞDYRMA, INNOWASIÝALAR WE INFRASTRUKTURA

9 SENAGATLAŞDYRMA, INNOWASIÝALAR WE INFRASTRUKTURA

ÖSÜŞ BIR ÝERDE DURMAÝAR, BIZIŇ ÝURDUMYZ HEM ÖSÜŞLER BABATDA ÇETDE DURMALY DÄLDIR.

BIZIŇ HEMMÄMIZ INNOWASIÝALARYŇ ÜSTÜNDE IŞLEMELIDIRIS!

KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGIŇ ÖSDÜRILMEGI – YKDYSADY ÖSÜŞIŇ WE IŞ ÜPJÜNÇILIGINIŇ AÇARYDYR. TELEKEÇILIK ÜÇIN KARZ SERIŞDELERINIŇ WE TÄZE TEHNOLOGIÝALARYŇ ELÝETERLI BOLMAGYNA ÝARDAM ETMELI.



INTERNET HER ADAM ÜÇIN ELÝETER BOLMALY.



BIZ SENAGATY, ULAG GEÇELGELERINI WE TÄZE TEHNOLOGIÝALARY ÖSDÜRMELIDIRIS.



INFRASTRUKTURANY GIŇELTMEGI WE KÄMILLEŞDIRMEGI DOWAM ETMELIDIRIS, EMMA SENAGATLAŞDYRMANYŇ UTGAŞYKLY BOLMALYDYGYNY ÝATDAN ÇYKARMALY DÄLDIRIS.



# 10-njy MAKSAT.
# DEŇSIZLIGIŇ AZALDYLMAGY

HER BIR ADAMYŇ DEŇ HUKUKLARY WE DEŇ MÜMKINÇILIKLERI BOLMALY.



ÝAŞYNA, JYNSYNA, MILLETINE WE GIRDEJISINIŇ DEREJESINE GARAMAZDAN, ÄHLI ADAMLARYŇ YKDYSADY ÖSÜŞIŇ MIWELERINDEN PEÝDALANMAGA MÜMKINÇILIGI BOLMALYDYR.

JEMGYÝETIMIZDE GENDER DEŇSIZLIGINI PESELTMELI. ERKEKLER WE ÝAŞ OGLANLAR BILEN BIR HATARDA BIZIŇ ZENANLARYMYZ WE GYZLARYMYZ DEŇ MÜMKINÇILIKLERDEN PEÝDALANMALYDYRLAR.




KANUNLAR WE TEJRIBE ILATYŇ ÄHLI TOPARLARYNYŇ BÄHBIDINI NAZARA ALMALYDYR WE HIÇ BIR ADAMYŇ HUKUKLARYNY KEMSITMELI DÄLDIR.




ILATYŇ GARYP WE GOWŞAK GATLAKLARY DÖWLETIŇ GORAGY ASTYNDA BOLMALYDYR, OLARYŇ JEMGYÝETÇILIK WE SYÝASY DURMUŞDA SES BERMÄGE HUKUKLARY BOLMALYDYR.




ZÄHMET MIGRANTLAR ÖZ DÖWLETINIŇ WE KABUL EDÝÄN DÖWLETINIŇ KANUNLARY TARAPYNDAN GORALMALYDYRLAR.





# 11-nji MAKSAT. DURNUKLY ŞÄHERLER WE ILATLY NOKATLAR



BIZ ŞÄHERLERIŇ WE ILATLY NOKATLARYŇ AÇYKLYGYNY, HOWPSUZLYGYNY, ÝAŞAÝŞA UKYPLYLYGYNY WE EKOLOGIK DURNUKLYLYGYNY ÜPJÜN ETMELIDIRIS.

ŞÄHERLERIŇ WE OBA ÝERLERINIŇ KADALY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEK MÖHÜMDIR.



ŞÄHERLERIŇ WE OBA ÝERLERINIŇ ÝAŞAÝJYLARY ÜÇIN ÝOKARY HILLI ÝAŞAÝYŞ JAÝY WE DURMUŞ HYZMATLARY DEŇ DEREJEDE ELÝETERLI BOLMALY.







ŞÄHERLERIŇ WE ETRAPLARYŇ ÖSÜŞ MAKSATNAMALARYNYŇ MEÝILNAMALAŞDYRYLYŞ TAPGYRLARYNA JEMGYÝETIŇ GIŇDEN GATNAŞMAGYNY GAZANMALYDYRYS.





TEBIGATY GORAMALY WE ŞÄHERLERIŇ HEM-DE OBALARYŇ EKOLOGIÝA ÝAGDAÝY BARADA ALADA ETMELI.

BAGLAR HOWANY ARASSALAÝAR, YSSY TOMUSDA KÖLEGE WE SÜÝJI MIWELERI BERÝÄR.



BIZIŇ ŞÄHERLERIMIZ WE OBALARYMYZ TEBIGY BETBAGTÇYLYKLARA DURNUKLY BOLMALY WE HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINE ÝEŇILLIK BILEN UÝGUNLAŞYP BILMELI.







WELOSIPED SÜRMEK SAGLYK ÜÇIN PEÝDALYDYR.

ÝAŞAÝYŞ MEDENIÝETINI ÖSDÜRMELI.

ŞÄHERLERDE ULAG ULGAMY DAŞKY GURŞAWA ZYÝAN ÝETIRMELI DÄLDIR.



# 12-nji MAKSAT. JOGAPKÄRÇILIKLI SARP EDIŞLIK WE ÖNÜMÇILIK

12 JOGAPKÄR ÇILIKLI SARP EDIŞLIK WE ÖNÜMÇILIK



ÖNDÜRIJIDEN BAŞLAP TÄ SARP EDIJÄ ÇENLI ÖNÜMÇILIK IŞ ÝÖREDIŞI DAŞKY GURŞAWA WE ADAMA ZYÝAN ÝETIRMELI DÄLDIR!

TEBIGAT WE GELJEKKI NESLIŇ DURMUŞY BARADA ALADA ETMELIDIRIS.

KÄRHANALAR ÖZLERINIŇ ALYP BARÝAN IŞLERINE JOGAPKÄR BOLMALY. ZYÝANLY GALYNDYLARYŇ ULANYLMAGY HALKARA YLALAŞYKLAR TARAPYNDAN DÜZGÜNLEŞDIRILMELIDIR.

BIZ ÖNÜMÇILIGIŇ ÄHLI TAPGYRLARYNDA GALYNDYLARYŇ MUKDARYNY AZALTMALYDYRYS WE SERIŞDELERIŇ GAÝTADAN IŞLENILMEGI WE TÄZEDEN ULANYLMAGY ÜÇIN TEHNOLOGIÝALAR BILEN ÜPJÜN ETMELIDIRIS.



BIZ TEBIGY BAÝLYKLARY, ÖNÜMLERI WE HARYTLARY HAS TYGŞYTLY ULANMALY.



MUNUŇ ÜÇIN

JEMGYÝETIŇ HABARLYLYGYNY ÜPJÜN ETMELI.



TÄZE IŞ ÝERLERINI DÖRETMEK, ÝERLI MEDENIÝETI WE ÖNÜMLERI ÖŇE SÜRMEK ÜÇIN DURNUKLY SYÝAHATÇYLYGY ÖSDÜRMELI.

13 HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINE GARŞY GÖREŞ



# 13-nji MAKSAT. HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINE GARŞY GÖREŞ

## HOWA ÜÝTGEÝÄR!

HOWA HEMIŞE ADATY GÖRNÜŞDE ÜÝTGEÝÄR, EMMA SOŇKY 200 ÝYLYŇ DOWAMYNDA ADAMYŇ ÖZÜNI ALYP BARŞY MUŇA GOŞMAÇA TÄSIR ETDI.

ADAMLAR ADATDAN DAŞARY ÝAGDAÝLARA WE TEBIGY BETBAGTÇYLYKLARA DURNUKLY BOLMAGA TAÝÝAR BOLMALYDYRLAR.

BIZE HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINE UÝGUNLAŞMAK ÜÇIN GYSSAGLY ÇÄRELER GEREK.
UMUMY ADAMZADYŇ BÄHBIDI ÜÇIN BIZ BEÝLEKI DÖWLETLER BILEN BILELIKDE IŞLEMELIDIRIS.




ÝAŞAÝŞA UKYPLYLYGY ÜPJÜN ETMEK, ADATDAN DAŞARY ÝAGDAÝLARYŇ DOLANDYRYLMAGYNY MEÝILLEŞDIRMEK WE OLAR BARADA HABARLYLYGY ÜPJÜN ETMEK.



# 14-nji MAKSAT. DEŇZIŇ EKOLOGIK ULGAMYNY GORAP SAKLAMAK

14 DEŇZIŇ EKOLOGIK ULGAMYNY GORAP SAKLAMAK

DEŇIZLERI WE UMMANLARY GORAMAK BIZIŇ HEMMÄMIZIŇ BORJUMYZDYR.



SUW SERIŞDELERIMIZIŇ, DERÝALARYMYZYŇ WE KÖLLERIMIZIŇ EKOLOGIÝA ÝAGDAÝYNY GORAMAGYŇ WAJYPLYGYNY ÝATDAN ÇYKARMALY DÄLDIRIS.

BIZ AŞAKDAKY MESELELER BOÝUNÇA BEÝLEKI ÝURTLAR BILEN RAÝDAŞ BOLMALY, ÝAGNY:

DEŇIZ GURŞAWYNYŇ HAPALANMAGYNY AZALTMAK WE ÖŇÜNI ALMAK;






EKOLOGIÝA ULGAMLARYNYŇ GORAGY;

ÇENDENAŞA WE BIKANUN BALYK TUTMAKLYGY BES ETMEK;








BILIMI GIŇELTMEK, TEHNOLOGIÝALARY ÖSDÜRMEK, UMMANLARYŇ OKISLENME DEREJESINI PESE DÜŞÜRMEK MAKSATLARY BILEN YLMY HYZMATDAŞLYK.

HALKARA KANUNLARYŇ IŞLENIP DÜZÜLMEGI WE OLARYŇ BERJAÝ EDILMEGI.



# 15-nji MAKSAT.
# GURY ÝER EKOLOGIK ULGAMYNY GORAP SAKLAMAK

15 GURY ÝER EKOLOGIK ULGAMYNY GORAP SAKLAMAK

BIZ GLOBAL EKOLOGIÝA ULGAMYNYŇ BÖLEGI BOLAN ÖSÜMLIKLERI WE HAÝWANLARY GORAP SAKLAMALYDYRYS.




## MUNUŇ ÜÇIN:

TÄZE BAGLARY EKMELI WE TOKAÝLARYŇ ÇAPYLMAGYNYŇ ÖŇÜNI ALMALY



TOPRAGYŇ ŞORLANMAGYNA WE ÝARAMAZLAŞMAGYNA ÝOL BERMELI DÄL.

ÖSÜMLIKLER WE HAÝWANLAR DÜNÝÄSINIŇ KÖPDÜRLÜLIGINI GORAMALY.





BÜTIN DÜNÝÄDE ÖSÜMLIKLERIŇ WE HAÝWANLARYŇ GORAGYNY ÜPJÜN ETMEK ÜÇIN BIZ BEÝLEKI ÝURTLAR BILEN HYZMATDAŞLYK ETMELIDIRIS!



# 16-njy MAKSAT. PARAHATÇYLYK, ADALATLYLYK WE NETIJELI EDARALAR



BIZ ÝURDUMYZDA PARAHATÇYLYGY GORAP SAKLAMALYDYRYS. MUNUŇ ÜÇIN HEMMELERIŇ DEŇ HUKUKLY BOLMAGYNY WE ERKIN BOLMAGYNY ÜPJÜN ETMELI.

ADALATLYLYGA WE HUKUK MAGLUMATLARYNA DEŇ ELÝETERLILIGI ÜPJÜN ETMEK ZERURDYR.

ÄHLI DEREJEDÄKI KORRUPSIÝA WE PARAHORLYGA GARŞY GÖREŞ ALYP BARMALY. MUNUŇ ÜÇIN NETIJELI IŞLEMELI.



ZORLUKLARYŇ ÄHLI GÖRNÜŞLERINI, ŞOL SANDA GYNAMALARY DÜÝBÜNDEN ÝOK ETMELI, NEŞELERIŇ WE ÝARAGLARYŇ BIKANUN SÖWDASYNYŇ ÖŇÜNI ALMALY.



HER BIR ÇAGANYŇ DOGLUŞ HAKYNDA ŞAHADATNAMA ALMAGA HUKUGY BARDYR.



HER MAŞGALANYŇ NIKA BARADA ŞAHADATNAMASY BOLMALY, OL MAŞGALANYŇ ÄHLI AGZALARY ÜÇIN HUKUKLARY KEPILLENDIRÝÄR.



# 17-nji MAKSAT. DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE HYZMATDAŞLYK

17 DURNUKLY ÖSÜŞ BABATYNDA HYZMATDAŞLYK

2030-njy ÝYLA ÇENLI GOÝLAN MAKSATLARA ÝETMEK ÜÇIN

DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARY MILLI MAKSATNAMALARDA WE KANUNLARDA GÖZ ÖŇÜNE TUTULMALYDYR



ÝURDUMYZYŇ ÄHLI RAÝATLARY WE DÜNÝÄ ÝURTLARY BILELIKDE IŞLEMELIDIR.

MILLI ÄHMIÝETE ÝETMEK WE DÜNÝÄ DEREJESINDE MESELELERI ÇÖZMEK ÜÇIN HÖKÜMET RAÝATLAR, TELEKEÇILER WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY BILEN BILELIKDE IŞLEMELIDIR.





GOÝLAN MAKSATLARA BILELIKDE ÝETMEK ÜÇIN DÖWLETLER BIRI-BIRLERI BILEN BILIM, TEJRIBE, TEHNOLOGIÝALAR WE INNOWASIÝALAR BILEN ALYŞMALYDYRLAR.

ÖSÜŞI MALIÝELEŞDIRME, HALKARA KÖMEGI, MILLI BÄHBIDI WE DÜNÝÄ DEREJESINDE MAKSATNAMALARY HASABA ALMALYDYR.



ÖZ WAGTYNDA GÖZEGÇILIK ETMEK WE ÜSTÜNLIKLERE BAHA BERMEK ÜÇIN STATISTIKANY WE MAGLUMATLARY NETIJELI ÝYGNAÝAN ULGAMY ÜPJÜN ETMELIDIR.

BIRLEŞEN MILLETLER
GURAMASY
TÜRKMENISTANDA



# SIZ NÄME EDIP BILERSIŇIZ?




BU BARADA
PIKIR EDIŇ;





BU BARADA GÜRRÜŇ EDIŇ;

BU BARADA
ARZUW EDIŇ;





BU
BARADA
ÝAZYŇ;





BU BARADA ÖZÜŇIZIŇ ESERIŇIZI DÖREDIŇ;

ONUŇ UGRUNA
HEREKET EDIŇ.

Bu kitapça
“Birleşen Milletler Guramasynyň komiksleri” esasynda
BMG-niň Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan çap edildi.

Suratkeş: Rejepowa Ş.

Çap etmäge rugsat edildi 13.11.2018. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$. Çap listi 1,0.
Hasap-neşir listi 1,98. Sargyt №210. Sany 3000. A-98936. TDKP №688, 2018.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100

“Düwmejik” HK
744000, Aşgabat, S. Türkmenbaşi şaýoly, 79